#132 (154)
среда, 5 июля 2023 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# ARKADAG ŞÄHERI — DÖWRÜŇ AÝDYŇ NYŞANY

## Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «akylly» şäheriň açylyş dabarasyna gatnaşdy

***29-njy iýunda ýurdumyzda Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň şöhratly ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen ýazyljak şanly taryhy waka bolup geçdi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň aýdyň nyşany bolan Arkadag şäheriniň açylyşy mynasybetli giň möçberli dabaralar ýaýbaňlandyryldy.***

Ir bilen «Akhan» binasynyň ýanyndaky meýdança Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, paýtagtymyzyň, welaýatlaryň we Arkadag şäheriniň häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, mährem eneler, ýaşlar ýygnandylar. Ýygnananlaryň hatarynda ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary, daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem bar.

Hemmeler hormatly Prezidentimizi ruhubelentlik bilen mübärekllediler.

Meýdançada Türkmenistanyň döredijilik toparlarynyň ýerine ýetirmeginde aýdym-sazly kompozisiýa ýaýbaňlandyryldy.

Döwlet Baştutanymyz Akhan bedewiniň keşbini janlandyrýan binanyň ýanyna baryp, däp bolan toý bagyny kesdi we täze şäheri açdy. Soňra hormatly Prezidentimiz Arkadag şäheriniň Baş meýdançasyna tarap ugrady.

Hormatly Prezidentimiz Arkadag şäheriniň Baş baýdak meýdançasyna geldi. Bu ýerde dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlandy we Döwlet baýdagymyz ýokary galdyryldy.

Soňra hormatly Prezidentimizi dabaralara gatnaşýan Türkiýe Respublikasynyň senagat we tehnologiýalar ministri Mehmet Fatih Kajyr hem-de Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyoglu mähirli mübärekledi.

Şol günki taryhy waka mynasybetli döwlet Baştutanymyza täze «TOGG» kysymly elektromobilleriň ikisiniň açarlary gowşuryldy. Bu elektromobiller Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan tarapyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa sowgat berildi.

Hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň adyna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, elektromobile münüp, ony dolandyrmagyň aýratynlyklary bilen tanyşdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz Türkiýe Respublikasynyň senagat we tehnologiýalar ministri Mehmet Fatih Kajyr hem-de Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyoglu bilen duşuşdy.

Dabaralaryň dowamynda «Arkadag binasynyň» açylyşy boldy. Bu binada türkmen halkynyň Milli Lideri, Gurbanguly Berdimuhamedowyň ahalteke bedewine atlanan aýgytly keşbi şekillendirilipdir. Munuň özi ýurdumyzyň ösüşiň täze belentliklerine uzaýan batly gadamlaryny alamatlandyrýar.

Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa dabarada çykyş edip, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilen Arkadag şäheriniň açylmagynyň taryhy ähmiýetini nygtady.

Arkadag şäheriniň açylyş dabarasy meýdançanyň münberiniň öňünde ýaýbaňlandyryldy.

Ýygnananlar döwlet Baştutanymyzy uly ruhubelentlik bilen garşyladylar. Baýramçylyk mynasybetli taýýarlanan çykyşlar, dabaraly ýöriş görkezildi.

Belli estrada aýdymçylarynyň hem-de tans toparlarynyň ýerine ýetirmegindäki edebi aýdym-sazly kompozisiýa baýramçylyga aýratyn öwüşgin çaýdy.

Soňra hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweni ýaşaýyş jaýlar toplumyna gelip, döwlet Baştutanymyz Arkadag şäheriniň döwlet ätiýaçlandyryş müdirliginiň hünärmeni Kerwen Durdygulyýewiň ýaş maşgalasynyň göçüp baran öýüne bardy.

Öý eýesi hormatly Prezidentimizi mähirli mübärekläp, ýaşaýyjylar üçin ähli amatlyklary üpjün edýän «akylly» jaýyň tehnologiýalarynyň artykmaçlyklary barada buýsanç bilen gürrüň berdi.

Arkadagly Serdarymyz täze öýüň eýelerini olaryň durmuşyndaky ajaýyp waka bilen tüýs ýürekden gutlady we bagtyýar durmuş, abadançylyk arzuw edip, ýaş maşgala gymmat bahaly sowgatlary gowşurdy.

Soňra döwlet Baştutanymyzyň awtoulag kerweni Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezine tarap ugrady.

Dünýäniň meşhur önüm öndürijileriniň döwrebap enjamlary bilen üpjün edilen bu desgalaryň ählisi Arkadag şäheriniň Saglygy goraýyş müdirliginiň garamagyna degişli bolup, onuň binasy esasy we ýanaşyk jaýlardan ybaratdyr. Toplumyň çep ganatynda arassaçylyk-epidemiologiýa gullugy, sag ganatynda bolsa dermanhana gullugy ýerleşýär. Şäheriň saglygy goraýyş edaralarynda dürli ugurly ýokary hünärli hünärmenler işleýärler. Bu ýerde dürli keselleriň öňüni almak, anyklamak we bejermek üçin ähli şertler döredildi.

Şu günki şanly waka mynasybetli şäher stadionynyň öňündäki meýdançada türgenleriň, şol sanda halkara ýaryşlarynda baýrakly orunlara mynasyp bolan ýaşlaryň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplarynyň, ugurdaş okuw mekdepleriniň okuwçylarynyň görkezme çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Köpugurly sport toplumynyň zallarynda hem türgenleriň çykyşlary guraldy.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezine gelende, döwlet Baştutanymyzy ýaş türkmenistanlylar şatlyk-şowhun bilen garşyladylar. Şeýle hem olar ruhubelentlik bilen goşgy okadylar.

Merkez bilen tanyşlygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz fizioterapewtik çäreler üçin niýetlenen otaga baranda dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň döwrebap enjamlary, şol sanda trenažýorlar barada gürrüň berildi. Soňra hormatly Prezidentimize çaganyň irki ösüşi we goşulyşma otagynda çagalaryň sazlaşykly ösmegi, olaryň okuwyň ilkinji tälimlerini özleşdirmegi, şol sanda oýunlar arkaly öwrenmegi üçin oňaýly şertler göz öňünde tutulandygy barada hünärmen gürrüň berdi.

Saglygy goraýyş we bilim ulgamynyň işgärleri türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa ýaş nesil barada edýän çäksiz aladalary, Arkadag şäherinde halkara derejeli çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň döredilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Hormatly Prezidentimiz Ruhyýet köşgüne gelip, Arkadag şäheriniň açylyşy mynasybetli guralan dabara hem gatnaşdy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowa halkara guramalaryň ýolbaşçylary hem-de meşhur daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri tarapyndan täsin şähere berlen 20-den gowrak güwänama we diplomlar gowşuryldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow döwlet ähmiýetli şäher hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça ýerine ýetirilen ägirt uly işlere ýokary baha berendikleri üçin daşary ýurtly myhmanlara hoşallyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyz hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyna halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine berýän uly ünsleri üçin tüýs ýürekden çykýan hoşallyk sözlerini aýtdy. Dabara ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň çykyşlary bilen dowam etdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ruhyýet köşgünden çykyp, «Märkaw» myhmanhanasyna tarap ugrady. Bu ýerde Arkadag şäheriniň açylmagy mynasybetli toý sadakasy berildi.

Toý sadakasy tamamlanandan soňra, aýat-töwir okaldy.

Hormatly Prezidentimiz toý-sadakasynyň we doga-dilegleriň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileg edip, ýygnananlar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Şol gün Arkadag şäheriniň häkimliginde ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekildi.

Agşam hormatly Prezidentimiz Arkadag şäheriniň merkezi seýilgähine geldi. Bu ýerde ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti boldy.

Sungat ussatlarynyň belent ruha beslenen çykyşlarynda halkymyzyň baý medeni mirasynyň, ýurdumyzyň häzirki döwürde gazanýan üstünlikleriniň, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň beýik döredijilik ruhy öz beýanyny tapdy. «Arkadag şäheri — bagt şäheri» atly edebi-sazly kompozisiýa konsertiň başyny başlady.

Konserte gatnaşyjylar belent owazlary bilen Arkadag şäheriniň, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan mähriban Watanymyzyň waspyny ýetirdiler.

Gahryman Arkadagymyzyň sözleri we sazy esasynda döredilen «Bagt nury» atly aýdymyň ýaňlanmagy konserte gatnaşanlarda uly ruhubelentlik duýgusyny döretdi we tomaşaçylar aýdymy şowhunly el çarpyşmalar bilen garşyladylar. Daşary ýurtlaryň meşhur aýdymlary esasynda taýýarlanan «Aýdymlar çemeni» türkmen artistleriniň ýerine ýetirijilik ussatlygyny görkezip, ol dostluk gatnaşyklarynyň özboluşly senasy bolup ýaňlandy.

Agşamky asmanda täze şäheriň ajaýyplyklaryny, Türkmenistanyň kartasyny, milli gölleri, taryhy gymmatlyklary şekillendiren dronlaryň şüweleňi hem-de köpöwüşginli feýerwerk baýramçylygyň özboluşly jemlenmesine öwrüldi.

Dabara tamamlanandan soň, hormatly Prezidentimiz oňa gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.



# HORMATLY PREZIDENTIMIZ ŞHG-ä AGZA DÖWLETLERIŇ BAŞTUTANLARYNYŇ GEŇEŞINIŇ MEJLISINE GATNAŞDY

2023-nji ýylyň 4-nji iýulynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna (ŞHG) agza döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň 23-nji mejlisine gatnaşdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň abraýly halkara düzümleriň çäklerinde geçirilýän ýokary derejedäki duşuşyklara, şol sanda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň mejlislerine yzygiderli gatnaşmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Biziň ýurdumyzy ŞHG-ä agza döwletler bilen dostluk we netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň baglanyşdyrýandygyny bellemek gerek. Hoşniýetli erk-isleg, taryhda emele gelen medeni, ruhy gymmatlyklaryň umumylygy bu gatnaşyklary çuňlaşdyrmak üçin ygtybarly binýat bolup çykyş edýär. Şunuň bilen birlikde, ŞHG bilen gatnaşyklar Türkmenistanyň daşary syýasy işi giň geografik hem-de düzümleýin esasda diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge esaslanýan halkara hyzmatdaşlyk strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

Döwlet Baştutanymyzyň bu gezekki mejlise hormatly myhman hökmünde çagyrylmagy Watanymyzyň halkara giňişlikde barha artýan abraýynyň, ýurdumyzyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşdäki netijeli hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça başlangyçly çykyş edýändigini ýene bir aýdyň subutnamasydyr. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň 2021-nji ýylda ŞHG-ä agza döwletleriň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň XX ýubileý mejlisine, 2022-nji ýylyň sentýabrynda bolsa Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Samarkantda geçirilen sammitine gatnaşandygyny bellemek gerek. Şol duşuşyklarda ŞHG-ä agza döwletler bilen dürli ulgamlarda hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň ýola goýulmagyna hem-de ozal hereket edýänleriniň kämilleşdirilmegine gönükdirilen birnäçe anyk başlangyçlar öňe sürüldi.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň Liderleriniň şu günki duşuşygynda bu guramanyň geçen ýylda alyp baran işleriniň jemleri jemlenildi, işiň ileri tutulýan esasy ugurlary kesgitlenildi, beýleki döwletler we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk, sebit we ählumumy gün tertibiniň has möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şu ýyl Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynda Hindistan Respublikasy başlyklyk edýär. Geňeşiň mejlisi başlanmazdan ozal, Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi belent mertebeli myhmanlary mähirli mübärekledi.

Şu gezekki sammit “Howpsuz ŞHG ýolunda” (Towards a SECURE SCO) mowzugy boýunça geçýär. Iňlisçe “SECURE” diýen gysgaldylan adalgany ŞHG-niň 2018-nji ýylda geçirilen ýokary derejeli duşuşygynda Narendra Modi teklip edipdi. Şunda S harpy raýatlaryň howpsuzlygyny (security for citizens), E ykdysady ösüşi (economic development), C sebit gatnaşyklaryny (connectivity in the region), U agzybirligi (unity), R döwlet Garaşsyzlygyna we çäk bitewüligine hormat goýmagy (respect of sovereignty and integrity), E harpy bolsa daşky gurşawy goramak (environment protection) diýmegi aňladýar.

Duşuşyga ŞHG-ä agza döwletleriň Baştutanlary gatnaşdylar. Sammite synçy döwletleriň Liderleri hökmünde Eýranyň, Belarusuň we Mongoliýanyň Prezidentleri, Türkmenistanyň Prezidenti hormatly myhman hökmünde çagyryldy. Şeýle hem mejlise bu guramanyň hemişelik hereket edýän iki edarasynyň, birnäçe halkara we sebit düzümleriniň ýolbaşçylary goşuldylar. Hindistanyň Hökümetiniň Başlygy ýygnananlary mähirli mübärekläp, sammite gatnaşyjylara söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sammite gatnaşýan döwletleriň Baştutanlaryna, wekiliýetleriň ýolbaşçylaryna we agzalaryna ýüzlenip, Premýer-ministr Narendra Moda şu möhüm mejlise hormatly myhman hökmünde gatnaşmaga çakylygy üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyz mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi Gazagystan Respublikasynyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna başlyklygy kabul etmegi bilen tüýs ýürekden gutlap, dostlukly ýurduň ŞHG-de başlyklyk etjek döwründe ähli başlangyçlarynda üstünlikleri arzuw etdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Seýed Ebrahim Raisini Eýran Yslam Respublikasynyň ŞHG-ä agzalyga kabul edilmegi, Prezident Aleksandr Lukaşenkony bolsa Belarus Respublikasynyň gurama doly hukukly agza döwletiň derejesini almagy baradaky çözgüdiň kabul edilmegi bilen gutlap, olara täze görnüşdäki hyzmatdaşlygyň çäklerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň bu foruma gatnaşmagy Türkmenistana, onuň alyp barýan netijeli daşary syýasatyna bildirilýän uly hormatyň nyşanydyr. Özara bähbitli, köpugurly hyzmatdaşlygyň geljekki mümkinçiliklerine düşünişmegiň hem-de olary durmuşa geçirmäge taýýarlygyň subutnamasydyr.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen gatnaşyklar biziň ýurdumyz üçin halkara hyzmatdaşlyk strategiýasynyň möhüm bölegi bolup durýar. Bu guramanyň agzalary, oňa synçy hökmünde gatnaşýan ýurtlar Türkmenistanyň öňden gelýän hyzmatdaşlary, goňşulary we dostlarydyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sözüni dowam edip, ýurdumyzyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen gatnaşyklaryna strategik nukdaýnazardan seredýändigini aýtdy. Şeýle çemeleşme asyrlara uzap gidýän ruhy we medeni gatnaşyklarymyza esaslanýar. Bu gatnaşyklar biziň halklarymyzyňdyr döwletlerimiziň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkidýär diýip belledi. Munuň özi ýurdumyz bilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň dürli düzümleriň we esasy halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde uzak möhletli hyzmatdaşlyk etmegi üçin goşmaça şertleri we mümkinçilikleri döredýär.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň ahyrynda Türkmenistanyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen giňden hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny belläp, özara düşünişmegiň, hormat goýmagyň, ynanyşmagyň ýetilen derejesine ýokary baha berdi. Biziň ýurdumyz hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini we özara bähbitlerini, onuň halklarymyzyňdyr döwletlerimiziň düýpli bähbitlerine laýyk gelýändigini aýdyň görýär diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we mundan beýläk-de bilelikdäki netijeli işleri durmuşa geçirmäge taýýardygyny tassyklady.

Hindistanyň Premýer-ministri çuň many-mazmunly çykyşy üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hoşallygyny beýan edip, ŞHG-niň çäklerinde giň ugurlar boýunça Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Sammitiň jemleri boýunça Nýu-Deli Jarnamasy we beýleki birnäçe resminamalar kabul edildi.

Umuman, ŞHG-ä agza döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň 23-nji mejlisinde biziň ýurdumyzyň öňe süren oňyn başlangyçlary sebit we sebitara derejede özara bähbitli gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine, taryhy taýdan emele gelen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine daýanýan döwletara gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylmagyna gönükdirilendir.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BILEN TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINIŇ TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIGI

30-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Döwlet Baştutanymyz türk liderini mähirli mübärekläp, Türkiýe Respublikasynyň Prezidentine türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa we özüne toý sowgady hökmünde iberen, Türkiýäniň önümi bolan “TOGG” kysymly täze elektromobiller üçin minnetdarlyk bildirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygynyň doglan gününde we Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça “akylly” şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäheriniň açylyş dabarasynyň geçirilýän pursatlarynda täze ulaglaryň açarlarynyň gowşurylmagy şanly wakanyň şatlygyny has-da artdyrdy diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Bellenilişi ýaly, “TOGG” kysymly elektromobilleriň önümçiliginiň ýola goýulmagy Türkiýe Respublikasynyň ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösüş ýoluna düşendiginiň nobatdaky beýanydyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkiýe bilen dürli pudaklardaky uzak möhletleýin gatnaşyklaryň berkidilmeginiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belläp, köpugurly türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine yzygiderli üns berýändigi üçin Türkiýäniň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogana minnetdarlyk bildirdi.



Hoşniýetli sözler üçin sagbolsun aýdyp, Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti döwlet Baştutanymyzy Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylmagy, şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideriniň doglan güni bilen gutlady. Doganlyk ýurduň Prezidenti Arkadag şäheriniň açylyş dabarasynda Türkiýede öndürilen, toý sowgady hökmünde iberen ak reňkli “TOGG” kysymly elektromobilleriniň dabaraly baýramçylyk ýörişine gatnaşdyrylmagynyň garaşylmadyk waka bolandygyny, onuň ýatda galyjy pursatlara öwrülmek bilen, türk hem-de türkmen halklarynyň dost-doganlyk gatnaşyklarynyň barha ösdürilýändigini görkezendigini belledi.

Nygtalyşy ýaly, sebitde deňi-taýy bolmadyk täze şäheriň açylyp ulanmaga berilmegi Türkmenistanyň durmuş ulgamyny nazarlaýan we ýurduň hemmetaraplaýyn täzeçil ösüşine, ykdysady kuwwatynyň artdyrylmagyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünlikli alnyp barylýandygynyň aýdyň beýanydyr.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda birek-birege ynanyşmak we hormat goýmak esasynda ýola goýulýan türkmen-türk gatnaşyklarynyň häzirki derejesine ýokary baha berildi. Şeýle-de iki ýurduň hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge we olary täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga ygrarlydygy tassyklanyldy.

Pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyz Rejep Taýyp Ärdogany Türkiýäniň taryhynda möhüm ähmiýeti bolan waka — Türkiýe Respublikasynyň Prezidentligine gaýtadan saýlanmagy bilen gutlady hem-de dostlukly ýurduň Baştutanyna berk jan saglyk, alyp barýan jogapkärli işinde üstünlik, doganlyk türk halkyna bolsa mundan beýläk-de gülläp ösüş, rowaçlyk arzuw etdi.

Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlaglaryny beýan etdi we Mekge şäherinde haj parzynyň dessurlaryny ýerine ýetirýän pursatlarynda edýän doga-dilegleriniň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny arzuw etdi.

Söhbetdeşler Türkmenistanyň we Türkiýäniň halklaryna ähli musulmanlar üçin mukaddes bolan Gurban baýramy mynasybetli gutlaglaryny aýtdylar hem-de mukaddes günlerde beriljek sadakalaryň, doga-dilegleriň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileg etdiler.



# MUKADDES ÝÖRELGELERIŇ DOWAMY

30-njy iýunda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy, hajy Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow haj däp-dessurlaryny amala aşyryp, keramatly Mekge topragynda berlen gurbanlyk sadakasyna gatnaşdy.

Hajy Arkadagymyz hem-de türkmen wekiliýetiniň agzalary saparyň maksatnamasyna laýyklykda, mukaddes Mekge şäheriniň ajaýyplyklary, binagärlik desgalarynyň aýratynlyklary bilen tanyşdylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň gözel künjeginde gurlan Arkadag şäheriniň açylyş dabarasynyň geçirilýän gününde ýaýlyma çykan «Arkadag» teleýaýlymynyň gepleşiklerine, onda görkezilýän dürli şekillere tomaşa etdi.

...Soňra Gahryman Arkadagymyz dünýäde iň uly Al-Haram metjidine tarap ugrady.

Hajy Arkadagymyz we Türkmenistanyň wekiliýetiniň agzalary keramatly metjitde juma namazyny okadylar.

Gahryman Arkadagymyz bu ýerde Türkmenistandan gelen zyýaratçylaryň, ýurdumyzyň wekilçilikli toparynyň we özüniň maşgala agzalarynyň hem-de Saud Arabystany Patyşalygynyň resmi wekilleriniň gatnaşmagynda gurbanlyk sadakasyny berdi.

Gurbanlyk sadakasynda tebärek çykylyp, hajy Arkadagymyzyň doglan gününiň gutly bolmagy, Arkadagymyzyň kyblasy, manyly ömrüni Watanyna, halkyna bagyş eden Berdimuhamet ogly Mälikguly aganyň hem-de mähriban käbesi, ömrüni maşgala terbiýesine bagyş eden Ogulabat ejäniň ruhlarynyň şat, jaýlarynyň jennet, imanlarynyň hemra bolmagy dileg edildi.

Soňra gurbanlyk sadakasyna gatnaşyjylara nahar çekildi. Türkmen halkynyň milli aşhanasynyň tagamlaryndan dadan adamlar, zyýaratçylar hajy Arkadagymyzyň başyny başlan giň möçberli işleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mundan beýläk-de uly rowaçlyklara beslenmegini, halkymyzyň bagtyýarlygyny, ýurdumyzyň abadançylygyny dileg etdiler. Şonuň ýaly-da, ýagşy dessurlaryň, tutumly işleriň uly üstünlikler bilen dowam etdirilmegi ugrunda döwlet derejesinde alada edilýändigi üçin Arkadagly hajy Serdarymyz we hajy Arkadagymyza alkyş sözleri aýdyldy.

Tagam dadylandan soňra, aýat-töwir okalyp, asylly işleriň, hoşniýetli gatnaşyklaryň amala aşyrylyan we ýagşy dilegleriň kabul bolýan aýynda ýerine ýetirilen beýik işleriň dowamat-dowam bolmagy, hajy Arkadagymyzyň we Arkadagly hajy Serdarymyzyň döwletli tutumlarynyň rowaç almagy dileg edildi.

Gurbanlyk sadakasynyň ahyrynda Hormatly il ýaşulusy, hajy Arkadagymyz hemmelere minnetdarlyk bildirip, mukaddes toprakda berlen sadakalaryň, zyýaratlaryň we ýagşy dilegleriň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileg etdi.

Soňra bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow gurbanlyk sadakasyna gatnaşmak üçin gelen Katar Döwletiniň Emiriniň ýörite wekili Hadi bin Ali Al Marri bilen duşuşdy.

Duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, dostlukly ýurduň emiriniň ýörite wekili, ilki bilen, hajy Arkadagymyzy mukaddes Gurban baýramy hem-de häzirki zamanyň ýokary görkezijilerine doly laýyk gelýän şäher hökmünde ykrar edilen Arkadag şäheriniň açylmagy bilen gutlady. Şeýle-de ol mukaddes toprakda berlen gurbanlyk sadakasynyň kabul bolmagyny Beýik Biribardan dileg etdi.

Duşuşygyň dowamynda ýörite wekil hajy Arkadagymyza Katar Döwletiniň Emiriniň gutlaglaryny we mähirli sözlerini ýetirdi.

Hoşniýetli sözler hem-de gutlaglar üçin minnetdarlyk bildirip, Gahryman Arkadagymyz, öz gezeginde, Katar Döwletiniň Emirine iň gowy arzuwlaryny aýtdy we bu ýerde berýän gurbanlyk sadakasyna gatnaşýandygy üçin ýörite wekile minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmeleriň çäklerinde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösdürmäge gönükdirilen täze taslamalaryň hem-de maksatnamalaryň durmuşa geçirilýändigini belläp, hajy Arkadagymyz bu babatda ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmegiň ägirt uly geljeginiň we mümkinçilikleriniň bardygyna ünsi çekdi.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistan bilen Katar Döwletiniň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de berkidiljekdigine ynam bildirildi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri Jidda şäheriniň Patyşa Abdulaziz adyndaky Halkara howa menziline geldi.

Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz Jidda şäheriniň häkimi Şazada Saud bin Abdullah bin Jalawi Al Saud bilen duşuşdy.

Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow keramatly toprakda mähirli kabul edilendikleri we gurbanlyk sadakasynyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi, wekiliýetiň agzalarynyň zyýaratlarynyň ýola goýulmagy ugrunda döredilen şertler üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda iki ýurduň arasynda dürli ugurlar boýunça ýola goýulýan gatnaşyklaryň mundan beýläk-de iki halkyň abadançylygynyň we ýurtlaryň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň bähbidine üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirildi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Jidda şäheriniň Halkara howa menzilinde Yslam ösüş bankynyň prezidenti Ahmad Mohamed Ali Al-Madani bilen duşuşdy.

Ahmad Mohamed Ali Al-Madani Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Saud Arabystany Patyşalygynda görýändigine şatdygyny belledi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa özüniň iň gowy arzuwlaryny hem-de gutlaglaryny ýetirmegi haýyş etdi. Şeýle-de ol hajy Arkadagymyzy mukaddes Gurban baýramy bilen gutlady. Mübärek günlerde beren gurbanlyk sadakasynyň we ýagşy doga-dilegleriniň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileg etdi.

Duşuşygyň dowamynda ýurdumyzyň Yslam ösüş banky bilen gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy, ony ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Hususan-da, giň möçberli maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşmagyň mümkinçilikleri barada gyzyklanma bildirilýän pikir alyşmalar boldy.

Hajy Arkadagymyz ýurdumyzda halkara ähmiýetli üstaşyr ulag geçelgeleriniň gurluşygyna möhüm ähmiýet berilýändigini belläp, bu ugurda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň uly geljeginiň bardygyna ünsi çekdi.

Hajy Arkadagymyz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ýokary derejede ösdürmek ugrunda tagalla edýändigi we gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine şahsy goşandyny nazara alyp, Yslam ösüş bankynyň prezidentine özüniň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyny we «Arkadag şäheri — geljegiň şäheri» atly kitaby sowgat hökmünde gowşurdy.

Doktor Ahmad Mohamed Ali Al-Madani bu kitaplary ajaýyp sowgat hem-de özüne bildirilen hormat hökmünde kabul edýändigini aýdyp, hajy Arkadagymyza Yslam ösüş bankynyň taryhyna, şu gününe we onuň ýerine ýetirýän işine bagyşlanan hem-de bu banka agza ýurtlar, şol sanda Türkmenistan bilen bagly alnyp barylýan hyzmatdaşlyk, ýurdumyzyň ykdysady ösüşlerini özünde jemleýän maglumatlar beýan edilen kitaby uly hormat bilen gowşurdy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri we Yslam ösüş bankynyň prezidenti Ahmad Mohamed Ali Al-Madani birek-birege hoşniýetli arzuwlaryny aýdyp, hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de dürli ugurlar boýunça ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Hajy Arkadagymyz Ahmad Mohamed Ali Al-Madani bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden Watanymyza ugrady.

Birnäçe sagatdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň uçary Aşgabat şäheriniň Halkara howa menziline gondy. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy resmi adamlar garşyladylar.

Saud Arabystany Patyşalygynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň wekili hajy Arkadagymyzy saparynyň şowly geçmegi bilen mähirli mübärekläp, zyýaratynyň hem-de keramatly toprakda beren gurbanlyk sadakasynyň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileg etdi.

Gahryman Arkadagymyz ilçä minnetdarlyk bildirip, oňa iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmek işinde üstünlikleri arzuw etdi we hemmeler bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

## ПОЗДРАВЛЕНИЯ

***Президент Туркменистана поздравил Президента Республики Словения***

*Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Словения г-же Наташе Пирц-Мусар по случаю национального праздника страны – Дня государственности.*

*Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Наташе Пирц-Мусар искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Словении – мира, дальнейшего прогресса и процветания.*

***Президент Туркменистана поздравил Генерал-губернатора Канады***

*Президент Сердар Бердымухамедов направил Генерал-губернатору Канады г-же Мэри Саймон и народу страны тёплые поздравления и наилучшие пожелания по случаю Дня Канады.*

*Пользуясь возможностью, глава государства выразил г-же Мэри Саймон искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Канады – мира, дальнейшего прогресса и процветания.*

***Президент Туркменистана поздравил Президента Республики Беларусь***

*Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Беларусь Александру Лукашенко по случаю Дня независимости Республики Беларусь.*

*В своём послании глава государства выразил уверенность, что дружественные отношения между двумя странами будут и впредь неуклонно развиваться и укрепляться в интересах обоих народов.*

*Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту Александру Лукашенко пожелания крепкого здоровья, счастья и больших успехов в ответственной государственной деятельности, а дружественному народу Республики Беларусь – мира, благополучия и процветания.*

***Президент Туркменистана поздравил Президента Соединённых Штатов Америки***

*Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Соединённых Штатов Америки Джозефу Байдену по случаю Дня независимости США.*

*«Мы высоко ценим дружественные отношения между Туркменистаном и Соединёнными Штатами Америки и твёрдо уверены, что они будут и далее развиваться и расширяться в интересах народов обеих стран», – отмечается в послании главы государства.*

*Пользуясь возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Джозефу Байдену искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Соединённых Штатов Америки – мира, дальнейшего прогресса и процветания.*

***Президент Туркменистана поздравил Президента Боливарианской Республики Венесуэла***

*Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Боливарианской Республики ¬Венесуэла Николасу Мадуро по случаю национального праздника – Дня независимости Венесуэлы.*

*Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Николасу Мадуро искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Венесуэлы – мира, благополучия и дальнейшего процветания.*

Интернет газета
Международные новости

## Telephone conversation between the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan and the President of the Republic of Uzbekistan

On 29th of June 2023, a telephone conversation has taken place between National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, who is on a visit to the Kingdom of Saudi Arabia to perform the Hajj in the city of Mecca, and President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev.



Heartily congratulating the Hero Arkadag on his birthday, the Uzbek leader expressed his sincere wishes for sound health, long years of life and success in the work. The President of the Republic of Uzbekistan also congratulated the National Leader of the Turkmen people on the opening of the first phase of the "smart" city of Arkadag, where digital solutions and the latest technologies have been introduced.

Thanking President Shavkat Mirziyoyev for warm congratulations and kind wishes, the Chairman of the Halk Maslakhaty specified that fraternal relations between the two countries today are becoming more dynamic, and filled with a new content.

The Hero Arkadag highly evaluated the interstate dialogue, which has always been characterized by openness and trust, which is a significant factor in the development of mutually beneficial partnership.

As was emphasized, Turkmenistan and Uzbekistan are united by the similarity or coincidence of approaches to key issues of international policy, and this provides a solid basis for coordinating mutual efforts in the international arena.

During the telephone conversation, the parties confirmed their commitment to further strengthening trade and economic relations, actively expanding cooperation in the energy, transport, communications and agricultural sectors, as well as interregional ties.

It was highlighted that constructive inter-parliamentary contacts are of great importance in further strengthening the mutually beneficial Turkmen-Uzbek partnership. Collaboration is successfully developing in the cultural, scientific, educational fields, which is a bridge for the rapprochement of our peoples, strengthening centuries-old friendship and good neighborliness.

During the conversation, National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov also emphasized the great personal contribution of President Shavkat Mirziyoyev, noting that in recent years fraternal Uzbekistan has carried out grandiose transformations and socio-economic reforms that have brought the country to a new stage of development. Uzbekistan has achieved significant success in many areas, its prestige in the international arena is increasing, and the people's wellbeing is consistently improving, the Hero Arkadag said, wishing the head of friendly state success in the upcoming presidential elections on July 9 this year.

Thanking wholeheartedly for the kind words, the Uzbek leader stressed that Uzbekistan sets a high value on the ties of friendship with Turkmenistan and reaffirmed its commitment to making further necessary efforts to strengthen thereof.

At the end of the telephone conversation, National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev exchanged congratulations on the holy holiday of Kurban Bairam, as well as wishes for sound health and happiness, and wellbeing and prosperity for the peoples of the two countries.

## В Туркменистане аккредитован Чрезвычайный и Полномочный Посол Тунисской Республики

4 июля 2023 года по поручению Президента Сердара Бердымухамедова Председатель Меджлиса Д.Гулманова приняла верительные грамоты от Чрезвычайного и Полномочного Посла Тунисской Республики в Туркменистане Тарака Бен Салема.

От имени главы Туркменистана руководитель национального парламента поздравила дипломата с назначением на ответственный пост, пожелав успехов в благородной миссии по укреплению отношений дружбы и сотрудничества между двумя государствами.

Поблагодарив за оказанный радушный приём, полномочный представитель дружественной страны передал от имени руководства Тунисской Республики тёплые приветствия и наилучшие пожелания Президенту Сердару Бердымухамедову и всему туркменскому народу.

В ходе встречи посол был проинформирован об основных направлениях государственной политики независимого нейтрального Туркменистана, одним из важнейших векторов которой является развитие широкого международного сотрудничества в интересах всеобщего мира, безопасности и благополучия.

Дипломат был ознакомлен с реализуемыми в нашей стране под руководством Президента Сердара Бердымухамедова масштабными социально-экономическими преобразованиями, а также со структурой и деятельностью Меджлиса.

Подчеркнув заинтересованность Туниса в активизации сотрудничества с Туркменистаном, г-н Тарак Бен Салем подтвердил готовность всемерно содействовать развитию плодотворных контактов в различных направлениях. При этом отмечалась значимая роль межпарламентских связей.

В завершение встречи была выражена уверенность в дальнейшем укреплении традиционного межгосударственного диалога, основанного на принципах взаимного уважения и конструктивности, всецело отвечающего обоюдным интересам.



## Meeting with the Governor of the People's Government of Shaanxi province



On June 30, 2023, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with the Governor of the People's Government of Shaanxi Province of the People's Republic of China Zhao Gang, who arrived in Turkmenistan at the head of the provincial delegation to participate in the events on the opening of the city of Arkadag.

During the meeting, the parties updated the issues of Turkmen-Chinese cooperation, and exchanged views on further expanding ties on priority aspects of interaction.

R.Meredov stressed that at present, the comprehensive strategic partnership between Turkmenistan and China is developing dynamically in many areas, primarily in the political, diplomatic, trade, economic, cultural and humanitarian spheres.

It was noted that a distinctive feature of the Turkmen-Chinese relations is that the two states actively maintain contacts at the level of Heads of State, during which a wide range of issues of development of mutually beneficial cooperation in various fields are discussed.

The parties noted the dynamic growth of bilateral trade. At the same time, the great potential of partnership aimed at the further implementation of bilateral economic relations is emphasized.

The sides expressed their opinion on the further development of cooperation in the energy sector, in the field of transport, communications, high technologies, agriculture, and trade. In addition, expansion and strengthening of cooperation in the field of education, science, sports, tourism, as well as in the field of cultural exchanges were identified as important areas of partnership.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Спортивная инфраструктура города Аркадаг способствует утверждению здорового образа жизни*

В первом в Туркменистане «умном» городе Аркадаг создана спортивная инфраструктура, способствующая утверждению в обществе принципов здорового образа жизни.

В этих целях городе Аркадаг создано Главное городское управление физической культуры и спорта, построены Многопрофильный спортивный комплекс и Спортивный центр (Водноспортивный комплекс), стадион на 10 тысяч мест, оснащённые соответствующим оборудованием и инвентарём.

### *Концерт оперной музыки в городе Аркадаг*

В рамках торжественных мероприятий, посвящённых открытию в Туркменистане первого города государственного значения Аркадаг состоялся концерт оперной музыки. Особую значимость концерту придавало то, что в нём, наряду с мастерами оперной сцены Туркменистана, приняли участие лучшие оперные солисты тюркских государств.

Музыкальное сопровождение выступлений солистов осуществляли музыканты государственного симфонического оркестра Туркменистана под руководством Расула Клычева.

### *Ашхабад проявляет интерес к усилиям по сохранению океанов — постпредство страны при ЮНЕСКО*

Директор Института Каспийского моря Туркменистана М.Атаджанов принял участие в XXXII сессии Ассамблеи Межправительственной океанографической комиссии, которая является автономным подразделением ЮНЕСКО, сообщает посольство Туркменистана во Франции.

В ходе заседаний, продлившихся с 21 по 30 июня, были заслушаны доклады о ходе реализации программы Комиссии, а также осуществлен продуктивный обмен мнениями касательно текущего состояния исследований в области океанографии.

Была озвучена официальная позиция Туркменистана, согласно которой страна будет и дальше совершенствовать свои научные и технические возможности посредством участия в Исполнительном совете Комиссии в целях устойчивого развития морских ресурсов.

### *У города Аркадаг появилось два побратима*

Два города - Казань (Республика Татарстан Российской Федерации) и Телави (Грузия) - стали побратимами нового города Аркадаг. В мэрии открытого вчера, 29 июня, первого города государственного значения страны состоялось подписание двусторонних документов.

В их числе: Соглашение об установлении побратимских отношений между городом Аркадаг и городом Казань (Республика Татарстан Российской Федерации), Соглашение об установлении побратимских отношений между городом Аркадаг и городом Телави (Грузия).

Перечень документов, направленных на укрепление отношений дружбы и сотрудничества с зарубежными партнёрами, также пополнил Меморандум о взаимопонимании об установлении побратимских отношений между городом Ашхабад и городом Баку (Азербайджан).

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***